$$f_0 = f_0\left(\vec{\vartheta} + \vec{v}\right) = \frac{n_1}{\left(2nm_1T\right)^{3/2}} e^{-\frac{m_1\left(\vec{\vartheta}+\vec{v}\right)^2}{2T} - \frac{m_1(}{}}$$

$$= f_0\left(\vec{\vartheta}\right) \cdot e^{-\frac{m\nu^2}{2T} - \frac{m_1\vec{\vartheta}\vec{v}}{T}} \approx f_0\left(\vec{\vartheta}\right) \cdot e^{-\frac{m_1\vec{\vartheta}\vec{v}}{T}} \approx$$

$$\nu << \vartheta \Rightarrow$$

$$e^{\alpha} = 1 + \alpha$$

Garşylyk güýç $\vec{f}_V$ - wagt birliginde agyr bölejik bilen çaknyşýan ýeňil bölejikleriň berýän doly impulsy hökmünde hasaplap bolýar.

$$\Delta\vec{P} = m_1\vec{\vartheta}(1-\cos\alpha)$$

$$\alpha = 2\beta$$

$$n - 2\beta = O$$

$$\vec{f}_V = m_1\int f_0(\vec{\vartheta}+\vec{v})\vartheta\cdot\underbrace{\vec{\vartheta}(1-\cos\alpha)d\sigma}_{\sigma_t}d^3P$$

$$\mu B < T$$

$$\vec{\mu} = \gamma\vec{M}$$

$\vec{\mu}$ - magnit momenti, $\vec{M}$ - aýlaw momenti.

$$\vec{f}_V = m_1 \int \underbrace{f_0\left(\vec{\vartheta} + \vec{v}\right)}_{f_0(\vartheta)\left(1 - \frac{m_1 \vec{\vartheta}\vec{v}}{T}\right)} \cdot\vartheta \cdot \vec{\vartheta} \sigma_t d^3 P$$

$$\vec{f}_V = m_1 \int f_0(\vartheta)\left(1 - \frac{m_1 \vec{\vartheta}\vec{v}}{T}\right) \cdot\vartheta \cdot \vec{\vartheta} \sigma_t d^3 P$$

$$\vec{f}_V = -\frac{m_1^{\;2}}{T} \int f_0(\vartheta)\left(\vec{v}\vec{\vartheta}\right) \cdot\vec{\vartheta}\vartheta \sigma_t d^3 P$$

$\vec{\vartheta}$ tizligiň ugry boýunça orta bahasyny alyp

$$\vec{f}_V = -\frac{m_1^{\;2}\vec{V}}{3T} \int f_0(\vartheta) \cdot \sigma + \vartheta^3 d^3 P = -\frac{m_1^{\;2}\vec{V}}{3T} n_1 < \sigma_t \vartheta^3 >$$

$$n_1 >> n_2 = 0 \quad n_1 \approx n = \frac{P}{T}$$

$$\vec{f}_V = -\frac{m_1^{\;2}\vec{V}}{3T^2} P < \sigma_t \vartheta^3 > = f = \frac{V}{b} \Rightarrow D = bT =$$

$$= \frac{3T^3}{m_1^{\;2} P < \sigma_t \vartheta^3 >}$$

Daşky magnit meýdanda ýerleşen gazda kinetiki hadysalary.

$$\vec{\mu} = \gamma\vec{M} \qquad\qquad \alpha\sigma\mu_B = \gamma M$$

$$\mu = \alpha\sigma\mu_B$$

$$\gamma = \frac{\alpha\sigma}{M}\mu_B$$

$\vec{B}$ magnit meýdanda molekula $\left[\vec{\mu}\vec{B}\right]$ güýjiň momenti täsir edýär.

$$\frac{d\vec{M}}{dt} = \left[\vec{\mu}\vec{B}\right] = -\gamma\left[\vec{B}\vec{M}\right]$$

$$\frac{df}{dt} = \frac{df}{dt} + \vec{\vartheta}\frac{\partial f}{\partial\vec{V}} + \gamma\left[\vec{M}\vec{B}\right]\frac{\partial f}{\partial\vec{M}} = Stf$$

$\vec{M}$ - aýlaw momenti,

$\vec{\mu}$ - magnit momenti.

$$f = f\left(\vec{V}, \vec{P}, t, \vec{M}\right)$$

$$\frac{df}{dt} = \frac{df}{dt} + \vec{\vartheta}\frac{\partial f}{\partial \vec{V}} + \frac{\partial f}{\partial \vec{M}} \cdot \frac{\partial \vec{M}}{\partial t}$$

$$\frac{df}{dt} = \frac{df}{dt} + \vec{\vartheta}\frac{\partial f}{\partial \vec{V}} + \frac{\partial f}{\partial \vec{M}} \cdot \gamma$$

$$f = f_0\left(1 + \frac{\chi}{T}\right) = f_0 + \frac{1}{T} f_0 \chi$$

Ýylylyk geçirijilik üçin:

$$\frac{\varepsilon(r) - c_p T}{T}\vec{\vartheta}T + \left[m\vartheta_\alpha\vartheta_\beta - \delta_{\alpha\beta}\frac{\varepsilon(r)}{cv}\right]V_{\alpha\beta} = I($$

$$I(\chi) = \int w' f_{01}\left(\chi' + \chi_1' - \chi - \chi_1\right) dr_1 dr' dr_1'$$

$$\frac{\partial f_0}{\partial \vec{M}} = 0,$$ sebäbi:

$$f_0 = f_0(\varepsilon(M))$$

$$\frac{\partial f_0}{\partial \vec{M}} = \frac{\partial f_0}{\partial \varepsilon} \cdot \frac{\partial \varepsilon}{\partial \vec{M}} = \Omega$$ -

molekulanyň burç tizligi.

$$\partial\left(\left[\vec{M}\vec{B}\right]\vec{\Omega}\right)\frac{\partial f_0}{\partial \varepsilon} \Rightarrow 0$$

$$\vec{M} \parallel \vec{B}$$

$$\frac{\varepsilon(r) - c_p T}{T}\vec{\vartheta}\vec{\nabla}T = -\gamma\left[\vec{M}\vec{B}\right]\frac{\partial \chi}{\partial \vec{M}} + I(\chi)$$

$\chi = \vec{g} \cdot \vec{\nabla} T$ - görnüşde gözlemeli.

$$q_\alpha = -æ_{\alpha\beta}\frac{\partial T}{\partial x\beta}$$

$$æ_{\alpha\beta} = -\frac{1}{T}\int f_0 \varepsilon \vartheta_\alpha g_\beta dr$$

Paýlanyşyk funksiýanyň fluktuasiýalary

Deňagramly gatda paýlanyşyk funksiýanyň fluktuasiýasy.

Kinetiki deňleme arkaly kesgitlenýän paýlanyşyk funksiýa $\bar{f}Vd^3xd\Gamma$ faza göwrüminiň elementinde ýerleşýän molekulalaryň diňe orta bahasyny berýär; statistiki taýdan deňagramly gazyň $\bar{f}(\Gamma)$ funksiýa – bu wagta we (eger-de daşky meýdan ýok bolsa) $\vec{r}$ koordinatalara bagly däl bolan Bolsmanyň paýlanşyk funksiýasy Şeýlelikde gatyň bölejikleriň hereketiniň takyk deňlemeleri boýunça hereketiniň wagtyň dowamynda takyk mikraskopiki paýlanşyk funksiýanyň üýtgemegi bilen onuň fluktuasiýalary barada sorag ýüze çykýar. Fluktuasiýalaryň korreliasion funksiýa ýa-da gysgaça korrelýator diýip,

$$< \delta f(t_1, \boldsymbol{r}_1, \Gamma_1,)\delta f(t_2, \boldsymbol{r}_2, \Gamma_2) > \text{ diýilýär.}$$

Bu ýerde $\delta f = f - \bar{f}$. Deňagramly gazda bu funksiýa diňe t_1 we t_2 wagtlaryň tapawudyna bagly bolýar. $t = t_1 - t_2$: ortalaşma t_1 ýa-da t_2 pursatlaryň biri boýunça ýerine ýetirilýär, olaryň tapawudy bolsa fiksirlenen bolýar. Gaz birmeňzeş bolany üçin korrelýatora $\boldsymbol{r_1}$we $\boldsymbol{r_2}$ nokatlaryň koordinatlary $\boldsymbol{r} = \boldsymbol{r_1} - \boldsymbol{r_2}$ tapawudy görnüşinde hem girýärler.

Şeýlelikde, şertli ýagdaýda $\boldsymbol{t_2}$we $\boldsymbol{r_2}$ nola deň diýip goýup bolýar. onda korrelýatory indiki görnüşde beýan edip bolýar:

$$< \delta f(\mathrm{t}, \boldsymbol{r}, \Gamma_1,)\delta f(O, O, \Gamma) >$$

Eger-de şu funksiýa belli bolsa, onda integrirläp bölejikleriň sanynyň dykyzlygynyň korrelýatoryny hem tapyp bolýar:

$$< \delta N(\mathrm{t}, \boldsymbol{r})\, \delta N(O, O) >= \int < \delta f(\mathrm{t}, \boldsymbol{r}, \Gamma_1,)\delta f(O, O, \Gamma_2) d\Gamma_1\, d\Gamma_2$$

Erkin ylgaw ýolunyň uzynlygyna $\boldsymbol{e}$ görä uly bolan aralyklar üçin dykyzlygyň korrelýatoryny fluktuasiýalaryň gidrodinamiki nazaryýetiniň kömegi bilen hasaplap bolýar. ondan kiçi aralyklar üçin $\leq e$ kinetiki derňew geçirmeklik zerur bolýar.

$$< \delta f(\mathrm{t}, \boldsymbol{r}, \Gamma_1,)\delta f(O, O, \Gamma) >=< \delta f(-\mathrm{t}, -\boldsymbol{r}, \Gamma_1,)\delta f(O, O, \Gamma) >$$

Ulgamyň deňagramly halynyň wagty tersine öwrülme amala görä simmetriýasyny korrelýasion funksiýa hem eýeleýär.

t=0 bolan ýagdaýda korrelýasion funksiýa faza giňişlikdäki dürli nokatlardaky ýöne wagtyň şol bir pursatyndaky funksiýalary baglanyşdyrýar. Emma birwagtdaky fluktuasiýalaryň arasyndaky korrelýasiýalar molekulýar güýçleriň täsiriniň radiusynyň ululygyna deňeçeräk bolan aralyklara diňe ýaýraýarlar. Şu seredilýän nazaryýetde deňagramly halda beýle aralyklar nola deň hasap edilýär we şonuň üçin birwagtdaky korrelýator nola hem öwrülýär. Deňagramsyz halda birwagtdaky fluktuasiýalar hem korrelirlenen bolýarlar.

Hyýaly deňagramly gazda paýlanyşyk funksiýanyň fluktuasiýasynyň orta kwadraty funksiýanyň özüniň orta bahasy bilen gabat gelýär. Şunlukda,

$$< \delta f(t, \boldsymbol{r}, \Gamma_1,) \delta f(O, O, \Gamma_2) >= \bar{f}(\Gamma_1) \delta(\boldsymbol{r}) \delta(\Gamma_1 - \Gamma_2)$$

Dürli nokatlardaky fluktuasiýalaryň arasyndaky bir wagtdaky däl korrelýasiýa molekulýar ölçegler nola deň hasap edýän nazaryýetde bar.

Goý, $x_a(t)$ – fluktirleýän ululyklar bolsunlar (olaryň orta bahalary nola deň). Eger-de ulgamyň x_a ululyklaryň bahalary orta fluktuasiýalaryň çäklerinden çykýan (ýöne şonda-da kiçi bolan) bolan deňagramsyz halda ýerleşýän bolsa, onda ulgamyň deňagramly halyna relaksasiýasy çatykly deňlemeler arkaly beýan edilýär:

$$x_a = -\sum_b x_{ab} x_b$$

X_{ab}-hemişeki koefisiýentler. Onda

$$\frac{d}{dt} < x_a(t) x_c(0) >= -\sum_b x_{ab} < x_b(t) x_c(0) > , \quad t > 0$$

Bu deňlemeleri t>0 ýagdaý üçin çözüp t<0 ýagdaý üçin funksiýalaryň bahalaryny alarys simmetriýanyň häsiýetini ulanyp:

$$< x_a(t) x_b(0) >=< x_b(-t) x_a(0) >$$

Seredilýän ýagdaý üçin çyzykly deňlemeleri hökmünde f deňagramly paýlanyşyk funksiýa kiçi goşundy bolan δf funksiýa üçin Bolsmanyň çyzyklaşdyrylan deňlemesi ulanylýar.

$$\left(\frac{\partial}{\partial t} + \vec{\vartheta}_1 \frac{\partial}{\partial \vec{r}} - \hat{I}_1\right) < \delta f(t, \vec{r}, \Gamma_1) \delta f(0,0,\Gamma_2) >=$$

$$\hat{I}_1 g(\Gamma_1) = \Gamma_1 \int \omega(\Gamma_1, \Gamma, \Gamma_1^1 \Gamma^1) [\bar{f}_1^1 g_1^1 + \bar{f}^1 g^1 - \bar{f}_2 g_2 -$$

Deňagramsyz gazda paýlanyşyk funksiýanyň fluktuasiýalary.

Goý, gaz stasionar emma deňagramsyz halda ýerleşýn bolsun. Onuň $\bar{f}(\vec{r}, \Gamma)$ paýlanyşyk funksiýasy

$$\vec{\vartheta} \frac{\partial}{\partial \vec{r}} = St \bar{f}$$

Kinetiki deňlemäni kanagatlaýan bolsun. Stasionar deňagramsyz hal gazda daşky täsirler arkaly deň üpjün edilýär. $f(t, \vec{r}, \Gamma)$ paýlanyşyk funksiýanyň $\bar{f}(\vec{r}, \Gamma)$ funksiýa görä fluktuasiýalaryny hasap etmeli.

$$< \delta f_1(t) \delta f_2(t) >=< \delta f_2(-t) \delta f_1($$

Bu ýerde,

$$f_1(t) \equiv f(t, \vec{r}_1, \Gamma_1), \quad f_2(0) \equiv f(0, \vec{r}_2, \Gamma_2)$$

$$\left(\frac{\partial}{\partial} + \vec{\vartheta}_1 \frac{\partial}{\partial \vec{r}_1} - \hat{I}_1\right) < \delta f_1(t) \delta f_2(0) >= 0$$

4. Diffuzion ýakynlaşma

Paýlanyşyk funksiýanyň argumentlerine girýän fiziki ululyklaryň her çaknyşyk elementar amalda orta üýtgemeleri olaryň häsiýetlendiriji bahalary bilen deňeşdirilende az bolan prosesler kinetiki hadysalarda uly mukdaryny eýeleýärler. Şeýle prosesleriň relansasiýa wagtlary elementar anktlara görä uly, şu manyda bu proseslere haýal diýip bolýar. Beýle meseleleriň tipiki mysaly bolup agyr gabyň ýeňil gazda azajyk garyndysynyň impulslar boýunça relansasiýa meselesi durýar.

Goý $w(\vec{P}, \vec{q})d^3q$ - wagt birligine getirilen ýeňil bölejik bilen çaknyşykda agyr bölejigiň impulsynyň $\vec{P} \rightarrow \vec{P} + \vec{q}$ üýtgemesiniň ähtimallygy bolsun. Onda $f(t, \vec{P})$ funksiýa üçin kinetiki deňleme şeýle ýazylýar

$$\frac{\partial f\left(t,\vec{P}\right)}{\partial t}=\int\left[w\left(\vec{P}+\vec{q},\vec{q}\right)f\left(t,\vec{P}+\vec{q}\right)-w\right.$$

$$q<<P^3\Rightarrow w\left(\vec{P}+\vec{q},\vec{q}\right)f\left(t,\vec{P}+\vec{q}\right)\approx w$$

$$+\vec{q}\,\frac{\partial}{\partial\vec{P}}w\left(\vec{P},\vec{q}\right)f\left(t,\vec{P}\right)+\frac{1}{2}q_\alpha q_\beta\,\frac{\partial^2 w\left(\vec{P},\right.}{\partial\vec{P}_\alpha\partial\vec{P}}$$

Netijede kinetiki deňleme indiki görnüşi eýeleýär.

$$\frac{\partial f}{\partial t}=\frac{\partial}{\partial P_\alpha}\left[\tilde{A}_\alpha f+\frac{\partial}{\partial P_\beta}\left(B_{\alpha\beta}f\right)\right]$$

$\longleftarrow$ Fokker – Plankyň kinetiki deňlemesi.

$$\tilde{A}_\alpha = \int q_\alpha w\left(\vec{P},\vec{q}\right) d^3 q$$

$$B_{\alpha\beta} = \frac{1}{2}\int q_\alpha q_\beta w\left(\vec{P},\vec{q}\right) d^3 q$$

$$\frac{\partial f}{\partial t} = \int \left[\vec{q}\,\frac{\partial}{\partial \vec{P}} w\left(\vec{P},\vec{q}\right) f + \frac{1}{2} q_\alpha q_\beta \frac{\partial w\left(\vec{P},\vec{q}_1\right)}{\partial P_\alpha \partial P_\beta} f \right] d^3 q$$

$$q_\alpha \frac{\partial}{\partial P_\alpha} wf$$

$$\tilde{A}_\alpha = \frac{\sum q_\alpha}{\delta t}, B_{\alpha\beta} = \frac{\sum q_\alpha q_\beta}{\delta t}$$

$$\frac{\partial}{\partial P_\alpha}\left[\tilde{A}_\alpha f + \frac{\partial}{\partial P_\beta}\left(B_{\alpha\beta} f\right)\right] = -\frac{\partial S_\alpha}{\partial P_\alpha}$$

$$S_\alpha = -\tilde{A}_\alpha f - \frac{\partial}{\partial P_\beta}\left(B_{\alpha\beta} f\right) = -\tilde{A}_\alpha f - B_{\alpha\beta}\frac{\partial f}{\partial P_\beta}$$

$$A_\alpha = \tilde{A}_\alpha + \frac{\partial B_{\alpha\beta}}{\partial P_\beta}$$

Kinetiki deňlemedäki koeffisiýentler çaknyşyklaryň orta häsiýetnamalary üsti beýan edilýär, bu manyda olaryň hasaplanyşy mehaniki mesele bolup durýar. Hakykatda, A_α we $B_{\alpha\beta}$ koefisiýentleri aýratyn hasaplamakda zerurlygy ýok, olary biri-biri arkaly aňladyp bolýar. Eger-de statistiki deňagramlykda akymyň nola öwrülýän şerti alsak. Bu ýagdaýda deňagramly paýlanyşyk funksiýa

$$f = \mathrm{const} \cdot e^{-\vec{P}^2/2MT}$$

Bu ýerde M-agyr gazyň bölejikleriň massasy, T-esasy (ýeňil) gazyň temperaturasy. Şu aňlatmany S=0 deňlemä goýsak

$$MTA_\alpha = B_{\alpha\beta} P_\beta$$

Şeýlelikde,

$$\frac{\partial f(t,\vec{P})}{\partial t} = \frac{\partial}{\partial P_\alpha}\left[B_{\alpha\beta}\left(\frac{P_\beta}{MT} f + \frac{\partial f}{\partial P_\beta}\right)\right]$$

Gowşak ionižirlenen gaz daşky elektrik meýdanda.

Birmeňzeş $\vec{E}$ elektrik meýdanda ýerleşýän ionizirlenen gaza seredeliň. Meýdan gazdaky erkin elektronlaryň deňagramly paýlanşygy bozýar we onda elektrik akym peýda bolýar. Elektron paýlanşygy kesgitleýän kinetiki deňlemäni tapmaly.

Ionizirlemegiň gowşaklygy gazdaky elektronlaryň (we ionlaryň) konsentrasiýasy az bolandygyny aňladýar. Şonuň üçin esasy orny elektronlaryň neýtral molekulalar bilen çaknyşyklary eýeleýärler ; elektronlaryň (we ionlaryň) biri-biri bilen çaknyşyklary ýok diýip hasap edip bolýar. Elektronlaryň m we molekulalaryň H massalarynyň arasynda örän uly tapawudy bar bolany üçin elektronlaryň orta tizligi molekulalaryň orta tizliginden uly. Şol sebäpli hem çaknyşyklarda elektronyň impulsy ugry boýunça güýçli üýtgeýär. Emma absolýut bahasy boýunça sähelçe üýtgeýär.

$f(t,P,Ö)$ funksiýa üçin kinetiki deňleme indiki görnüşi eýeleýär:

$$\frac{\partial f}{\partial t} - e\vec{E}\frac{\partial f}{\partial \vec{P}} = -\frac{1}{P^2}\frac{\partial}{\partial P}P^2 S + N\vartheta \int f(t, P, \theta') - f$$

Bu ýerde

$$S = -B\left(\frac{\vartheta}{T} f + \frac{\partial f}{\partial P}\right)$$

$$B = \frac{\sum(\Delta P)^2}{2\delta t}$$

N-molekulalaryň sanynyň dykyzlygy.

Meýdanyň ugry boýunça simmetriýa bar bolany üçin paýlanşyk funksiýa wagtdan başga diňe iki ululyga bagly bolýar: impulsyň absolýut ululygyna P we impulsyň $\vec{P} = m\vec{\vartheta}$

we $\vec{E}$ elektrik meýdanyň ugurlarynyň arasyndaky θ burça.

B ululygy hasaplamak üçin

$$\left(\vec{\vartheta}-\vec{V}\right)^2=\left(\vec{\vartheta'}-\vec{V'}\right)^2$$

deňlemäni ulanmaly.

Bu deňleme maýyşgak çaknyşykdaky iki sany bölejikleriň görälik tizliginiň üýtgemeýändigini aňladýar. ($\left(\vec{\vartheta},\vec{r}\, we \vec{\vartheta'},\vec{r'}\right)$ - elelktronyň we molekulanyň başlangyç we ahyrky tizlikleri). Molekulanyň tizliginiň üýtgemegi elektronyň tizliginiň üýtgemeginden kiçi bolýar:

$$\Delta\vec{r}=-\frac{m\vec{\vartheta}}{M}.$$

Şonuň üçin, $\vec{r}=r^o$ hasap rdip bolýar. Onda,

$$2\vec{r}\left(\vec{\vartheta}-\vec{\vartheta'}\right)=\vartheta^2-\vartheta'^2\approx 2\vartheta\Delta\vartheta$$

,

bu ýerde $\Delta\vartheta = \vartheta - \vartheta'$ - kiçi ululyk. Şeýlelikde,

$$(\Delta P)^2 = m^2(\Delta\vartheta)^2 = \frac{m^2}{\vartheta^2}\Big[(\vec{r}\vec{\vartheta})^2 + (\vec{r}\vec{\vartheta'})^2 - 2(\vec{r}$$

Indi bu aňlatmany ortalaşdyrmaly. Birinji molekulalaryň $\vec{r}$ tizlikleriniň paýlanyşygy (Makswell paýlanyşygy) boýunça ortalaşdyrmaly.

$$< r_\alpha r_\beta >= \frac{\delta_{\alpha\beta} < r^2 >}{3}$$

$$< r^2 >= \frac{3T}{M}$$

Şeýlelikde almaly:

$$(\Delta P)^2 = \frac{m^2 T}{M\vartheta^2}(\vartheta^2 + \vartheta'^2 - 2\vec{\vartheta}\vec{\vartheta'}) = \frac{2m^2 T}{M}(1 - \mathrm{c}$$

Ikinji bilen wagt birligindäki wektorlaryň çaknyşyklary boýunça ortalaşdyrmaly; muny $N\vartheta d\sigma$ boýunça integrirläp alyp bolýar. Netijede almaly:

$$B = \frac{Nm^2\vartheta\sigma_t T}{M} = \frac{PmT}{Me},$$

Bu ýerde: $\sigma_t = \int (1 - \cos\alpha) d\sigma$ - ulag kesimi,

e – erkin ykgaw ýolunyň uzynlygy, $e = \frac{1}{N\sigma_t}$

Şeýlelikde,

$$S = -\frac{mP}{Me}(\vartheta f + T\frac{\partial f}{\partial P})$$

Başdaky deňlemäniň elektrik meýdanly düzüjisini hem r we θ üýtgeýänlere özgertmeli:

$$e\vec{E}\frac{\partial f}{\partial P} = eE\frac{\partial f}{\partial P_z} = eE\left(\cos\theta\frac{\partial f}{\partial P} + \frac{\sin^2\theta}{P}\frac{\partial f}{\partial\cos\theta}\right)$$

Fokker – Plankyň deňlemesi

$$\frac{\partial f}{\partial t} = \frac{\partial}{\partial P_\alpha}\left[\tilde{A}_\alpha f + \frac{\partial}{\partial P_\beta}\left(B_{\alpha\beta} f\right)\right]$$

$$A_\alpha = \int q_\alpha w\left(\vec{P},\vec{q}\right)d^3 q$$

$$B_{\alpha\beta} = \frac{1}{2}\int q_\alpha q_\beta w\left(\vec{P},\vec{q}\right)d^3 q,$$

$$f = f\left(t,\vec{P}\right)$$

$w\left(\vec{P},\vec{q}\right)d^3 q$ - wagtyň birligine getirilen agyr bölejigiň $\vec{P}$ impulsynyň ýeňil bölejik bilen elementar amalda – çaknyşykda $\vec{P}+\vec{q}$ impulsa üýtgemeginiň ähtimallygy. Şonuň üçin A_α we $B_{\alpha\beta}$ indiki has düşnükli görnüşinde ýazyp bolýar:

$$A_\alpha = \frac{\sum q_\alpha}{\delta t}, B_{\alpha\beta} = \frac{1}{2}\frac{\sum q_\alpha q_\beta}{\delta t}$$

$$S_\alpha = -A_\alpha f\left(t,\vec{P}\right) - \frac{\partial}{\partial P_\beta}\left(B_{\alpha\beta} f\left(t,\vec{P}\right)\right)$$

Onda:

$$\frac{\partial f}{\partial t} = -\frac{\partial S_\alpha}{\partial P_\alpha}$$

$\vec{S}$ - impulslar giňişliginde bölejikleriň akymynyň dykyzlygy.

$f = c \cdot e^{-\frac{P^2}{2mT}}$ - deňagramlylyk paýlanyşyk funksiýa.

$S = 0$ (deňagramlyk ýagdaýda)

$$\frac{\partial f}{\partial t} = 0 \qquad S = 0$$

$$S_\alpha = -A_\alpha f - \frac{\partial}{\partial P_\beta}\left(B_{\alpha\beta} f\right) = \underbrace{-A_\alpha f - \frac{\partial B_{\alpha\beta}}{\partial P_\beta} f}_{-A_\alpha{}' f}$$

$$S_\alpha = -A_\alpha{}' f - B_{\alpha\beta}\frac{\partial f}{\partial P_\beta} = 0$$

$$\frac{\partial f}{\partial P_\beta} = f \cdot \frac{P_\beta}{mT}$$

$$-A_\alpha{}' f - B_{\alpha\beta}\frac{P_\beta}{mT}\cdot f = 0$$

$$A_\alpha{}' f = B_{\alpha\beta}\frac{P_\beta}{mT}$$

$$mTA_\alpha{}' f = B_{\alpha\beta} P_\beta$$

Onda,

$$\frac{\partial f\left(t,\vec{P}\right)}{\partial t} = \frac{\partial}{\partial P_\alpha}\left[B_{\alpha\beta}\left(\frac{P_\beta}{mT} + \frac{\partial f}{\partial P_\beta}\right)\right]$$

$$B_{\alpha\beta} = B\delta_{\alpha\beta}$$

$$B = \frac{1}{6}\int q_2 w\left(\vec{P}, \vec{q}\right) d^3 q,$$

$$\frac{\partial f}{\partial t} = B\frac{\partial}{\partial \vec{P}}\left(\frac{\vec{P}}{mT} f + \frac{\partial f}{\partial \vec{P}}\right)$$

Indi, ýeňil agyr gazda diffuziýasy:

$\vec{P} \to P$ (diňe ululygy boýunça)

$$f\left(t, P\right) w^3 P = f\left(t, P\right) \cdot 4nP^2 dP - P$$

ululykly impulsy

$P \div P + dP$ aralykda bölejikleriň sany.

Indi Fokker – Plankyň deňlemesi $4nP^2 f$ funksiüasy üçin:

$$\frac{\partial fP^2}{\partial t} = \frac{\partial}{\partial P}\left(fP^2 A + B\frac{\partial}{\partial P} fP^2\right)$$

$$\frac{\partial f}{\partial P} = \frac{1}{P^2}\frac{\partial}{\partial P} P^2\left(fA + \frac{B}{P^2}\frac{\partial}{\partial P} fP^2\right)$$

$$B = \frac{1}{2}\frac{\sum\left(\delta P^2\right)}{\delta t}$$

$$\frac{\partial f}{\partial P} = -\frac{1}{P^2}\frac{\partial P^2 S}{\partial P},$$

$$S = -B\left(\frac{P}{mT} f + \frac{\partial f}{\partial P}\right)$$

$$\frac{\partial f}{\partial P} = -e\vec{E}\frac{\partial f}{\partial \vec{P}} = -\frac{1}{P^2}\frac{\partial}{\partial P}P^2 S + N\vartheta$$

$$\int\left[f\left(t, P, \theta'\right) - f\left(t, P, \theta\right)d\delta\right]$$

$$S = -B\left(\frac{\vartheta}{T} f + \frac{\partial f}{\partial P}\right),$$

$$B = \frac{1}{2}\frac{\sum \Delta P^2}{2\delta t}$$

Bölekleýin ionizirlenen gazyň ionizirlemegiň deňagramly derejesiniň peýda bolmagy çaknyşykly ionizirlemegiň we oňa ters bolan çaknyşýan zarýadlanan bölejikleriň rekombinasiýanyň dürli ýönekeý amallarynyň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Iň ýönekeý ýagdaýda, haçanda gazda elektronlardan başga ionlaryň diňe bir görnüşi bar bolanda, ionizirleme deňagramlyk indiki deňleme arkaly beýan edilýär:

$$\frac{dn_e}{dt} = \beta - \alpha n_e n_i$$

$\beta - 1s,1sm^3$ - da peýda bolýan elektronlaryň sany (neýtral atomlaryň çaknyşyklary arkaly ýa – da atomlary fotonlar arkaly ionizirleme arkaly).

α - rekombinasiýanyň koeffisiýenti. Deňlemäniň ikinji ogtasy elektronlaryň sanynyň peselmegini berýär (rekombinasiýa sebäpli).

Deňagramly halda $\frac{dn_e}{dt} = 0 \Rightarrow$

$$\beta = \alpha n_{oe} n_{oi}$$

$$\alpha = < \vartheta_e \cdot b_{ren} >$$

Rekombinasiýa iki görnüşe bölünýär: radiasion we çaknyşyk rekombinasiýa.

Rekombinasiýa prosesi plazmadaky deňagramlyk ýagdaýa getirýän beýleki proseslere görä örän haýal proses bolup durýar. Sebäbi rekombinasiýanyň netijesinde bölünip çykýan energiýany alyp äkidýän prosesler bolmaly (ýa – da radiasion rekombinasiýa foton äkitmeli ýa – da üçünji atoma çaknyşykdan soň bermeli çaknyşyk rekombinasiýa).

Çaknyşyk rekombinasiýany „Energiýa boýunça diffuziýa“ diýip hasap edip bolýar. Onda bu prosese Fokker – Plankyň deňlemesini ulanyp bolýar:

$$\frac{\partial f}{\partial t} = \frac{\partial}{\partial P_\alpha}\left[A_\alpha f + \frac{\partial}{\partial P_\beta}\left(B_{\alpha\beta} f\right)\right]$$

$$\frac{\partial f}{\partial t} = -\frac{\partial S_\alpha}{\partial P_\alpha},$$

$$S_\alpha = -\tilde{A}_\alpha f - B_{\alpha\beta}\frac{\partial f}{\partial P_\beta}$$

Indi energiýa boýunça:

$$\frac{\partial f}{\partial t} = -\frac{\partial S}{\partial \varepsilon}, \qquad S = -B\frac{\partial f}{\partial \varepsilon} - Af,$$

$$S = 0 \quad f = f_0 \Rightarrow$$

$$S = -Bf_0 \frac{\partial}{\partial \varepsilon}\frac{f}{f_0},$$

$$B(\varepsilon) = \frac{\sum(\Delta\varepsilon)^2}{2\delta t}$$

$$f\left(\vec{P},\vec{V}\right)_0 = \frac{e^{-\frac{\varepsilon}{T}}}{\left(2nmT\right)^{3/2}},$$

$$\varepsilon = \frac{P^2}{2m} - \frac{ze^2}{V}$$

z – elektronlar.

5. Çaknyşyksyz plazma.

Özylalaşylan içki meýdan.

Kinetiki nazaryýeti plazmany öwrenmekde giňden ulanylýar. Plazma - bu doly ionizirlenen gazdyr. Plazmany iki düzüjili diýip hasap edeliň. Onda diňe elektronlar (elektrik zarýady „e“) we zarýady 2e deň bolan bir görnüşli položitel ionlar bar diýeliň. Hemişelik gazlar üçin plazma ýaly kinetiki deňlemesiniň ulanylmagy, onuň ýeterlik derejede seýrek bolmaklygy talap edýär. Gaz hyýaly halynda gowşak gyşarmaly. Kulon güýçleriň haýal peselmegi sebäpli bu şert plazma üçin neýtral gazlara görä has güýçli bolýar.

Plazmanyň gowşak hyýaly däl şerti şeýle ýazylýar:

,

bu ýerde T - plazmanyň temperaturasy, n - göwrüm birligindäki bölejikleriň doly sany, $\vec{r} \sim \sqrt[3]{n}$ - bölejikleriň arasyndaky orta aralyk. Bu şerti başgaça görnüşde hem ýazyp bolýar: $\dfrac{e^2 n^{1/3}}{T} \sim \dfrac{\vec{r}^{\,2}}{4\pi a^2} \ll 1$, bu ýerde a - plazmanyň Debaýyň radiusy.

$$a^{-2} = \frac{\psi\pi}{T}\sum_{\alpha} n_{\alpha}\left(r_{\alpha}e\right)^{2}$$

α - ionlaryň görnüşleriniň sany boýunça üýtgeýän indeks. Debaýyň radiusy plazmada zarýadyň Kulon meýdanynyň ekranirleme aralygyny kesgitleýär. Eger - de $\alpha = 1, n_{\alpha} = n, z_{\alpha} = 1$ bolsa, onda

$$a \sim \sqrt{\frac{T}{\psi\pi n e^{2}}} \Rightarrow \frac{e^{2}n^{1/3}}{T} \sim \vec{r}^{\,2} / \psi\pi a^{2} \ll 1$$

Seýrek plazmada bölejikleriň arasyndaky orta aralyk Debaýyň radiusyndan kiçi bolmaly.

Plazmany kadaly diýip hasap edeliň. Bu plazmanyň temperaturasy onuň elektron düzüjisiniň wyrožden bolmagy halynyň temperaturasyndan uly bolmaklygyna getirýär:

$$T \gg \frac{\hbar^{2}n^{2/3}}{m}, \qquad \text{m - elektronyň massasy.}$$

Plazmadaky bölejikleriň her kysymy üçin kinetiki deňleme şeýle ýazylýar:

$$\frac{\partial f}{\partial t}+\vec{\vartheta}\frac{\partial f}{\partial \vec{r}}+\vec{P}\frac{\partial f}{\partial \vec{P}}=Stf$$

Plazmadaky elektrik zarýadlanan bölejige täsir edýän elektrik we magnit meýdan:

$$\vec{e}=\vec{E}+\vec{e}^{\,1}$$

$$\vec{h}=\vec{B}+\vec{h}^{\,1}$$

Bu ýerde $\vec{E}$ we $\vec{B}$ - köp bölejikleri özünde saklaýan ýaýlalar boýunça meýdanlaryň orta bahalary. Bu ýaýlalaryň ölçegleri bölejiklerara aralyklara görä uly, ýöne şol wagtda Debaýyň radiusyna görä kiçi.

Şu bölümde plazmanyň bölejikleriniň arasyndaky çaknyşyklar ýok diýip hasap edeliň. Bu ýagdaýda çaknyşyksyz plazma diýilýär. Bu hadysalaryň şerti: $\nu < c\omega$, ν - çaknyşyklaryň effektiw ýygylygy, $\omega - \vec{E}$ we $\vec{B}$ meýdanyň üýtgemeginiň ýygylygy. Şeýlelikde, çaknyşyklar integraly Stf onuň $\frac{\partial f}{\partial t}$ önümine görä kiçi bolýar. Bu ýagdaýda kinetiki deňleme şeýle ýazylýar:

$$\frac{\partial f_e}{\partial t}+\vec{\vartheta}\frac{\partial f_e}{\partial \vec{r}}-e\left(\vec{E}+\frac{1}{c}\left[\vec{\vartheta}\times\vec{B}\right]\right)\frac{\partial f_e}{\partial \vec{P}}=0$$

$$\frac{\partial f_i}{\partial t}+\vec{\vartheta}\frac{\partial f_i}{\partial \vec{r}}+ze\left(\vec{E}+\frac{1}{c}\left[\vec{\vartheta}\times\vec{B}\right]\right)\frac{\partial f_i}{\partial \vec{P}}=0$$

Bu deňlemelere Makswelliň deňlemelerini goşmaly:

$$rot\vec{E}=-\frac{1}{c}\frac{\partial\vec{B}}{\partial t}$$

$$div\vec{E}=\psi\pi\rho$$

$$rot\vec{B}=\frac{1}{c}\frac{\partial\vec{E}}{\partial t}+\frac{\psi\pi}{c}$$

$$div\vec{B}=0$$

$$\rho=e\int\left(zf_i-f_e\right)d^3P$$

$$\vec{j}=e\int\left(zf_i-f_e\right)\vec{\vartheta}d^3P$$

Bu ýerde ρ we $\vec{j}$ - radiuslaryň we akymlaryň orta dykyzlyklary.

Şu deňlemeleri arkaly kesgitlenýän orta $\vec{E}$ we $\vec{B}$ meýdanlara özara ylalaşylan diýilýär.

Edebiýat

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
3. Е.М. Лифшиц, Л.П. Питаевский. Физическая кинетика. - М., Наука, 1979
4. Ч. Киттель. Статистическая термодинамика. - М., ИЛ, 1977
5. Ч. Киттель. Элементарная статистическая физика. М., ИЛ,1960
6. Р. Кубо. Статистическая механика. М., ИЛ,1962
7. М.А. Леонтович. Статистическая физика. М.-Л., 1944
8. А. Хилл. Статистическая механика. М., ИЛ, 1960
9. К. Хуанг. Статистическая механика. М., Мир, 1966
10. В.Г. Левич. Курс теоретической физики. М., Физматгиз, 1962

Mazmuny